# Syn ediji geňeşe gutlag sözi / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Syn ediji geňeşe gutlag sözi / hekaýa SYN EDIJI GEŇEŞE GUTLAG SÖZI




Jenaplar, bärde bijaý sowuk. Bilemok, muny size nädip düşündirsemkäm? Bir sagat ozal, men geňeşiň geçirilmegi üçin hemme zadyň taýýardygyny anyklamak isläp şäherden jaň etdim, emma maňa hiç kim jogap bermedi. Şonda men haýal etmän bärik eňip geldim-de, garawuly gözlemäge başladym. Öz otagjygynda-da, aşakda pejiň ýanynda-da, daşky eýwançada-da ol ýokdy. Ahyry, ine şu otagda men onuň aýalynyň üstünden bardym: ol işikden giren ýeriňdäki oturgyçda, tüp-tümlükde, ýüzüni dyzyna berip, kellesinem elleri bilen gujaklap otyrdy.
Men ondan näme bolandygyny soradym. Oturyşyny üýtgetmän ol äriniň gidendigini aýtdy – kimdir biriniň ulagy, olaryň gardepeden aşaklygyna syrylyp oýnaýan körpe ogluny kakypdyr. Ine näme üçin bu ýeriniň peji ýakylmandyr, şonuň üçinem bu ýagdaýa ähli geçirimliligiň bilen garamagyňyzy sizden towakga edýän, men siziň wagtyňyzy kän eglemerin. Belki, siziň hemmäňiz, men gygyryp durmaz ýaly, biraz ýakynraga süýşersiňiz; men syýasy nutuk sözlemekçi däl, men diňe Jemgyýetiň maliýe ýagdaýyny siziň dykgatyňyza ýetirmekçi.
Elbetde, ýeliň täsiri zerarly penjiräniň aýnalarynyň çat açandygy meni örän gynandyrýar; siz bärik gelýänçäňiz men garawulyň aýaly bilen bilelikde otaga gar syramaz ýaly deşiklere plastik tutmaga synanyşdym, emma görşüňiz ýaly,

biziň ikimize bu doly başartmady.
Goý, siziň bärde eşidýän ýeňiljek şatyrdyňyz, meniň balans barlagynyň netijesi hakdaky nutugymdan siziň ünsüňizi sowmasyn; men sizi ynandyrýaryn, tolgunmaga hiç hili esas ýok, dolandyryjy geňeşiň hasabaty hukuk taýdan çirksiz. Haýyş edýän, eger-de meniň aýdýanlarym size düşnüksiz bolsa golaýraga süýşüň.
Size şunuň ýaly ýagdaýlarda dabaraly ýüzlenmäge mejbur bolýandygyna iňňän gynanýaryn; elbetde, eger-de oglanjyk ulagyň aşagyna düşmedik bolsa, hemme zat başgaça bolardy.
Penjirä plastik tutýarkak, garawulyň aýaly maňa gürrüň berdi; bir gezek garawul ýerzeminde kömür alyp duran ekeni, aýaly bolsa şu otagda geňeşe gatnaşyjylar üçin oturgyçlary goýuşdyryp ýörkä, birdenkä äriniň gykylygyny eşidipdir, ol aýtdy, ol duran ýerinde doňňara-daşa öwrülipdir, esli salym diňşirgenibem şo halda durupdyr. Soň bosagada, eli kömürden doly bedreli äri peýda bolupdyr, pyşyrdabam oňa bolan betbagtçylygy habar beripdir; oňa bolsa bu habary uly ogly getiren ekeni.
Siziň adyňyz ýazylan sanaw bu mahal bärde ýok garawulda galandygy sebäpli, men şu ýere gelen we şu pursat gözüme görünýän hemmäňize dabaraly salam berýärin. Men aýdýan: özümiň görýän hemme kişime we bu ýere gelen ähli kişä. Bu bolsa, ýel şuwlaýar. Şeýle aňzakda we şeýle ýelde siziň bu ýygnaga gelmek üçin batyrgaýlyk görkezeniňize men minnetdarlyk bildirýärin – çünki bärik getirýän ýol beýlebir ýakynam däl.
Belki, siz, eýýäm penjireleriniň gyrawy erän, pejiniň gapdalynda ýylynyp boljak jaýa gireris öýdüp pikir edensiňiz, a siz bolsa henizem stoluň başynda paltoda otyrsyňyz, entegem hatda, siziň aýagyňyza ýelmeşdirip getiren garyňyzam eremedik. Pejem ýok bu jaýda, diňe öň tüsseçykar bolan gara deşik diwarda hoňkaryp dur – öň bu otagam, şu wagt gum-gukluk bolan bu jaýam ýaşalýan ýerdi.
Her niçigem bolsa, siziň bärik geleniňize minnetdarlyk bildirýärin; minnetdarlyk bildirýärin we sizi gutlaýaryn. Gutlaýan sizi. Sizi gutlaýaryn! Ilki bilenem, öň daýhan aýalyň alagaraňkyda oturan ýeri bolan gapynyň agzyndaky orunda oturan jenaba tüýs ýürekden salam berýärin; men bu jenaby gutlaýaryn we oňa minnetdarlyk bildirýärin. Birnäçe gün mundan ozal, ol, dolandyryjy geňeşiň hasabaty ara alnyp maslahatlaşylmaly şu ýygnaga çakylyk ýollanylan sargytly haty alanda, ol, mümkin,

hasam şunuň ýaly aýazda, üstesine-de ençeme gün bäri gar ýagyp durandygy sebäpli, bärik gelmegi bihuda diýip hasaplandyr.
Ýöne, soň, Jemgyýetde nämedir bir zadyp düzüw däldigi hakyndaky pikir onuň kellesine gelendir; nähilidir birhili şübheli şatyrdy eşidilýär. Hawa, gaýtalaýaryn, ol Jemgyýetiň binasy ýumrulyp barýar diýip pikir edendir. Ýok, Jemgyýetiň ymaraty ýumrulmaz. Bagyşlaň, seretseňizläň, nähili syrgyn gopýar! Şeýlelikde, ol, şeýle çapgyn ýeledir doňaklyga garamazdan ýola düşüpdir-de, şäherden bärik, ine şu ýygnaga gelip ýetipdir. Ol ulagyny, aşakda, obada galdyrmaga mejbur bolupdyr: sebäbi, bärik, bu jaýa, diňe darajyk ýodajyk getirýär. Ol, ýoluny dowam etmegiň wagty gelýänçä, birsellem garbanyşhanada oturypdyr, “Ykdysadyýetiň täzelikleri” gazetini okapdyr.
Bärik gelýärkä ol, tokaýda, ýygnaga gelýän ýene bir jenaba sataşypdyr. Ol ýolgyradaky haja ýaplanyp duran ekeni; ol bir eli bilen kellesinde telpegini saklap, beýlekisi bilenem sowuk uran almany agzyna eltýärmiş. Onuň alnynda hem telpeginiň aşagyndan çogup çykan saçynda gar bar eken. Men aýtdym: onuň saçyna gar düşüpdir hem-de ol birneme doňan almany dişleýärmiş. Haçan-da birinji jenap onuň ýanyna baranda, olar salamlaşypdyrlar; ikinjisi elini paltoň kisesine sokup, ondan ýene bir alma çykarypdyr-da, birinjä uzadypdyr; şu ýerde-de şemal onuň kellesinden telpegini gaçyrypdyr welin, ikisem gülşüpdir. Ikisem gülşüpdir.
Hasam golaýraga süýşäýiň, baş üstüne, ýogsa siz hiç zada düşünmersiňiz. Üstesine-de nähilem bolsa birhili şatyrdy hem eşidilip dur-a. Ýöne Jemgyýetiň binasynda däl – ol ýumrulmaz; siziň hemmäňizem geçen ýyl üçin girdejiden paýyňyzy alarsyňyz – ine hut şunam, men size şu nobatdan daşary ýygnagymyzda habar bermek isleýärin.
Ýatlanylan iki jenap, syrgynyň içinde öňe barýarkalar, aşakda, obada, ýygnagyň beýleki gatnaşyjylaryny getiren limuzin togtady. Ýelken deý güberilýän gara paltolarynda, olary harasatdan ulagy penalap durdylar, özlerem bu çalamydar daýhan öýüne gitmelimi ýa däldigi barada pikir alyşýardylar. Men aýtdym: daýhan öýi. Ýogsa hakykatda, hemmeleri öňde duran ýol üüýşendirýärdi, ahyrsoňy olaryň biri beýlekilerini yrdy-da, Jemgyýetiň ýagdaýy hakda howsala olaryň wehiminden üstün çykdy.
Garbanyşhanada oturyp, “Ykdysadyýetiň täzeliklerine” göz

gezdirip çykan olar, aýaklaryny dogumly hereketlendirip, ýola düşdüler. Jemgyýetiň ykbalynyň çyn aladasy olary öňe dartýardy. Ilki olar garyň ýüzünde çuň yzlary goýup, çus gadam urýardylar, soň ýadap, şeýlebir kynlyk bilen aýaklaryny süýremäge başladylar welin, ýuwaş-ýuwaşdan ýoda emele geliberipdi. Siziň ýadyňyza düşüşi ýaly, olar bir gezek säginip, yzlaryna, jülgä seretdiler: gurşunreňk asmandan olaryň depesine gür gar eňterilýärdi.
Olar öňde aýak yzlaryny gördüler – yzlaryň bir zynjyry aşaklygyna gidip, çala birldirýär; bu ýerden oglanjyk bilen bolan betbagtçylygy eşiden daýhan ylgap geçen bolmaly; mümkin, ol birnäçe gezek ýykylandyr – hatda elleri bilen ýüzüni goramaga-da synanyşman, ýüzinligine ýykylandyr. Ol bu ýerde, aýazda gara çümüp, ençeme sapar ýatandyr; nijeme saparam sandyraýan barmaklary bilen garda özüne çukur gazynandyr; ençeme gezek ýykylyp, dili bilen ajymtyk gar übtüklerini ýalandyr; nijeme gezek garly syrgynyň gohunda onuň gykylygy ýaňlanandyr. Men gaýtalaýaryn: köp gezek tupanyň gohunde onuň sesi ýaňlanandyr.
Edil şonuň ýaly-da, siz ýokaryk, çamalagy çaşan daýhan hütdügine eltýän aýak yzlarynam saýgaransyňyz – ol ýerden şol iki jenap geçip gitdi. Jemgyýetiň ýagdaýy, täze paýnamalary çykarmak arkaly dolanyşyk maýasyny köpeltmek barada söhbet edip, olar, gök almanyň doňak böleklerini ýuwdup, ýeliň arasy bilen ýöräp barýardylar. Ahyrsoňunda-da olar şu jaýa gelip ýetdiler – eýýäm giç agşamdy – olar haňlap ýatan gapydan girdiler; ilkinji bolup gelen, şol ikisi eýýäm bärde otyrdylar, edil şu wagtkylary ýaly ýandepderçelerini dyz üste goýup, barmaklarynda galamlaryny pyrlaýardylar: olar ýazyp almak üçin meniň gutlag sözümi sözläp başlamagyma garaşýardylar.
Şeýlelikde, men, bu ýere jemlenen hemmämiňizi gutlaýaryn hem-de siziň gelendigiňize minnetdarlyk bildirýärin. Men, meniň sözlerimi ýazyp oturyşlaryna sowuk uran almalaryny iýmegi dowam edýän şol iki jenaba minnetdarlyk bildirýärin; men, limuzinde oba tarap myçyp gelýärkäler daýhanyň – garawulyň oguljygyny mynjyradan, geňeşiň şol dört agzasyna minnetdarlyk bildirýärin. Ine ýene-de şatyrdy eşidilýär – bu garyň agramyna jaýyň üçek nawlary şatyrdaýar – Jemgyýetiň sütünleri şatyrdaýar diýip pikir edäýmäweriň. Biziň işjeň balansymyz bar, netijeler jemlenende-de hiç hili gümürtiklikler bolmady.

Diňe, ine üçek nawlary agrama çydaman, şatyrdap-şatyrdap durlar.
Meniň ýene-de biziň ýygnagymyzyň deňli-derejeli geçirilmegine siňdiren ähli zähmeti üçin daýhana minnetdarlyk bildiresim gelýär.
Birnäçe gün mundan ozal, ol aşakdan, öz melleginden bärik, eli merdiwanly gelipdi, ine şu otagy heklemek üçin; ol merdiwany sag egninde göterip gelşine ony eli bilen saklaýardy; çepinde hekli bedre bardy, ondanam çotganyň döwük sapy somalyp durdy. Şol çotga bilenem ol diwary heklemäge başlady – ondan öň bolsa onuň çagalary penjireleriň erňegine ýetip duran odun üýşmegini, aşak, öz howlularyna daşapdylar. Ol bedresini bir elinde, merdiwany beýlekisinde saklap, şu otaga giripdi-de, ony yhlas bilen biziň ýygnagymyza taýýarlap ugrapdy.
Çagalar şadyýan galmagal bilen onuň öňünden ylgap, garyň ýüzünde eýwana çenli ýoda depeläp beripdiler; olaryň şarfjyklaram şemala galgaýardy. Häzirem, otagyň astynda kesişýän ak tegelekler – onuň merdiwany süýşürmek üçin ondan düşüp, ýerde goýan bedresiniň yzlary görünýär. Şu wagt ýeliň gar tozgasy bilen örtýän, girelgäniň agzyndaky gara tegelekler bolsa, öýbikesiniň äridir çagalaryna günortnalyk üçin getirip beren gyzgyn çorbaly golçasynyň yzy. Olar şol duran ýerlerinde aşak oturyp, çemçe bilen gyzgyn çorbany içipdiler; öýbikesi bolsa şol wagt eýwanda elleri döşünde çilşirip durşuna, gar hakda halk aýdymyna hiňlenipdi, çagalaram aýdymyň heňine sazlaşykly çemçelerini kakyp, kellelerini yrgyldadypdylar.
Biynjalyk bolmazlygyňyzy sizden uzur haýyş edýän: Jemgyýetiň ykbaly barada howsala düşer ýaly hiç hili bahana ýok – siz şatyrdy eşidýärsiňiz, emma bu garyň agramyna üçek nawlary şatyrdaýar – ol üçege şeýlebir köp düşdi.
Men daýhana onuň Jemgyýete siňdiren ähli zady üçin minnetdarlyk bildirýärin, men, eger-de şu pille ol obada, özüniň wepat bolan oguljygynyň ýanynda däl-de, şu ýerde bolan bolsa, uly höwes bilen onam gutlardym.
Men şeýle-de, olaryň biziň Jemgyýetimize eden ähli zatlary üçin, daýhanyň aýalynam, onuň çagalarynam gutlardym we olara çyn ýürekden minnetdarlyk bildirerdim.
Umuman, men siziň hemmäňize minnetdarlyk bildirýärin we siziň ähliňizi gutlaýaryn. Ýöne, şonda-da, siziň ädimleriňiziň badyna howa zarbygyp, üçek ýumrulmaz ýaly, men sizden öz ýeriňizden butnamazlygyňyzy haýyş edýärin!

Bäh, bu ýel-aý!
Men aýtdym: bäh, bu ýel-aý!
Öz ornuňyzda rahat oturyň.
Siziň hemmäňize gelendigiňiz üçin minnetdarlyk bildirýärin, şeýle hem sizi gutlaýaryn.
Ýöne, bu-da bir bela – üçek nawlary şatyrdaýar.
Men aýtdym: üçek nawlary şatyrdaýar; men aýdýan: ymarat ýumrulmaz ýaly öz ornuňyzda rahat oturyň.
Men size özümiň size öz ornuňyzda oturmalydygyňyzy aýdandygymy aýdýan.
Men size özümiň size öz ornuňyzda oturyň diýip aýdandygymy aýdýan diýip aýdýan.
Men size salam berýärin!
Men aýdýan, size salam berýändigimi aýtdym diýip men aýdýan!
Men bärik peýda üçin gelen siziň ähliňizi, hemmejäňizi gutlaýaryn!
Men siziň ähliňizi siziň ölümiňiz bilen gutlaýaryn!
Men sizi gutlaýan!
Gutlaýan men sizi…
© *Peter Handke*



***Peter Handke,*** *1942-nji ýylyň 6-njy dekabrynda doglan, awstriýaly ýazyjy hem dramaturgdyr. Ol 1995-nji ýylda Şilleriň*

*hatyrasyna edebiýat baýragynyň hem-de 2019-njy ýylda edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesidir. Hünäri boýunça hukukçy. Eý görýän pişesi – rok-sazy, aýdymlary.*
*P.Handke edebiýat bilen meşgullanmaga ýetginjeklikde başlaýar. Ol 1959-njy ýylda edebiýat boýunça mekdep okuwçylarynyň bäsleşigine gatnaşyp, baýraga mynasyp bolýar. 1961-nji ýylda bolsa P.Handke ýazyjylyk işine has çynlakaý ýapyşýar. 1966-njy ýylda bolsa P.Handkeniň "Märekäniň masgaralanmagy" atly pýesasy boýunça sahna oýnunyň ilkinji görkezilişi bolýar. P.Handke edebiýat hem syýasat meselesinde öz ynançlarynda berk durýan, ýüzgörmezek, tarapgöýsüz ýazyjy hem dramaturg hökmünde tanalýar. Ol belli serb syýasatçysy hem-de halkara jenaýat kazyýeti tarapyndan, adamzadyň we howpsuzlygyň garşysyna jenaýat eden harby jenaýatçy hökmünde jezalandyrylan serb generaly Slobodan Miloşewiçe çuňňur duýgudaşlyk bildirip, oňa çykarylan höküme garşylyk hökmünde 2006-njy ýylda Genrih Geýne adyndaky abraýly edebiýat baýragyndan hem ýüz dönderipdir.*
Hekaýalar